**Bitarap Watanda.**

1

Sende ömür yolum , sende ykbalym,
Jennet Watan, sende kalbyň şuglasy.
Sende çagalygym, sende ýaşlygym,
Togabym sen, berkararlyk tugrasy.

Sende arzuwlarym ganatyn gerýär,
Geçip barýan hatar durnalar kimin,
Bitarap watanym diňe siz bilen,
Gülli-gülzarlyga öwrüler zemin.

Sende hyjuwlarym, sende joşgunym,
Toý-baýramym seniň bilen toýlanar,
Sende pasyllarym, sende ýyllarym,
Aýym-günüm seniň bilen aýlanar.

Berkarar döwletde, bagtly diýarda,
Eziz Watan, sende meniň baýlygym,
Hut seniň howaňdan soryanym üçin,
Dünýe- malym sensiň Watan-barlygym!

**Watan waspy** **2**

Şükür, ýaşaýas erkin,
Täzelenip dur durkuň,
Buýsandyrýar gül görküň,
Bagtyýarlykda , Watan!

Goşa geler ýazlaryň,
Bagtly ogul-gyzlaryň
Joşgunlydyr sazlaryň,
Toýlara barýan Watan!

Ýetdik arzuwly daňa,
Älem haýrandyr saňa,
Ynjalyk tapýan diňe,
Seniň goýnuňda Watan!

Nirelere gitsem-de,
Menzillere ýetsem-de,
Näçe pikir etsem-de,
Tapmadym taýyň, Watan!

Halal duza sarpam bar,
Päk zähmetde berkän bar,
Arkadagym-arkam bar,
Guwan ogluňa, Watan!

**Watanym. 3**

Her säherde  togap edýän,
Azat daňy atanym ,
Giň älemde jennet bolsa ,
Sensiň eziz, Watanym!

Baýlyk önýär topragyňda ,
Rysgal- döwlet gatanym,
Tebigatyň görkanadyr,
Dostlar haýran , Watanym !

Jan –jigerim ,  ýeketägim,
Diýip oýa batanym ,
Deňsiz taýsyz buýsanjym, sen,
Arkadagly Watanym!

Berkararym , bagtyýarlyk –
Arzuw edip ýetenim ,
Ýeňişleriň gaýnap joşýar,
Elýetmezim , Watanym.

**Eziz diýara 4**

Beýan etsem ýürekdäki buýsanjym,
Eziz diýar seň goýnuňda bagtly men,
Her gysym toýpragyň baýlygym-genjim,
Eziz diýar seň goýnuňda bagtly men.

Säher turup, sorýan tämiz howaňy,
Eşdilip dur saýrak guşlaň owazy,
Ene topragyma edýän togaby,
Eziz diýar, seň goýnuňda bagtly men.

Seni söýüp joşar aýdym-sazlarym,
Keşbiň synlap doýmaz asla gözlerim,
Taryplasam bärden gaýdar sözlerim,
Eziz diýar, seň goýnuňda bagtly men.

Prezidentim guwandyrýar halkymy,
Barha artýar bagtyýarlyk galkymy,
Arşa ýetýär şan-şöhradyň ýalkymy,
Eziz diýar, seň goýnuňda bagtly men.

Gül ömrümiň sowulmajak ýazy sen,
Ösdürdiň, iýdirip halal duzy sen,
Jenneti däl, jennetiň hut özi sen,
Eziz diýar seň goýnuňda bagtly men.

**Parla, Tugum 5**

Bu gün toýuň toýlaýas,
Buýsanjym-ýürek ýagym.
Asudalyk nyşany,
Parla, gollarda, Tugum.

Garaşsyz Watanymda,
Sendedir köňül – bagym.
Belentde ýalkym saçýaň,
Aýdyň ýollarda, Tugum.

Arkadagyň peşgeşi,
Ak bagtym – ajap çagym.
Mydam waspyň edilýär,
Aýdym – sazlarda, Tugum!

Reňkin senden alýandyr,
Baharda düzüm – dagym.
Gül – läle dek öwüsýäň,
Sagy – sollarda, Tugum.

Seni dünýä tanaýar,
Guwanjy Arkadagyň.
Hemişelik parla, sen,
Baky ýazlarda, Tugum.

**Bitaraplyk Parahatçylyk ýyly 6**

Getirdi ülkäme bagtyýarlygy,
Bitaraplyk parahatçylyk ýyly.
Jar etdi äleme ygtyýarlygy,
Bitaraplyk parahatçylyk ýyly.

Parahat döwletde arassa asman,
Ýaňlanýar owazlar yzyny kesmän.
Watan öňküdende has bagy –bossan
Bitaraplyk parahatçylyk ýyly.

Baýramçylyk toýdur, biziň illerde,
Beýik Arkadagyň waspy dillerde.
Asudalyk nusga sagy-sollarda,
Bitaraplyk parahatçylyk ýyly.

Şäherde, obada, çölde-sonarda,
Erkinlikdir hemme ugurda hünärde.
Gözümiň röwşeni eziz Diýarda,
Bitaraplyk parahatçylyk ýyly.

## Medeni merkezim sazly mekanym 7

Medeni merkezim- sazly mekanym,
Gülzara öwrülen ýazly mekanym,
Mähir bilen gujak açyp myhmany,
Garşylaýaň, çörek-duzly mekanym.

Diýarym sen, aýdymlara beslenen,
Görkiň bilen bäsleşýär gül- desselem,
Gadym toprak Maru - Şahu Jahanym,
Seniň waspyň edýär goşgy-kyssalam.

Türki dilli milletleriň barysyn,
Duşurdyň giňedip, dostluk örüsin,
Sungat bilen söhbet edip sahnada,
Ýazdyň öňlerine türkmen halysyn.

Medeni merlezim sazly mekanym,
Bedew batly ösüşlerde bekänim,
Sazy söýýän Arkadagyň goýnunda,
Belentden-belende ýaňlan mukamym!

## **Gutly bolsun, täze okuw ýylymyz! 8**

Şowhuna beslenip, beslenip toýa.
Ýakymly pursatlar paýlap her öýe,
Şatlanyşyp gutlag sözlerni diýe,
Geldi ýene, täze okuw ýylymyz!

Okuw ýyly üstünlige baý bolsun,
Çekýän zähmetimiz göwnejaý bolsun,
Bäşliklermiz bir-birine taý bolsun,
Şowly bolsun, täze okuw ýylymyz!

Ýene yhlas bilen, täze güýç bilen,
Sagdyn pikir bilen, akyl-huş bilen,
Görkezeliň özümizi iş bilen,
Batly bolsun, täze okuw ýylymyz!

Diýarymda baýram bolsun, saz bolsun,
Ýüzümizde mähir bolsun, näz bolsun,
Talyp göwni mydam bahar-ýaz bolsun,
Gutly bolsun, täze okuw ýylymyz!

Berkarar döwletde, juwan ýaşlykda,
Okalyň elmydam göwün joşlukda,
Her ýyl didarlaşyp wagty hoşlukda,
Garşylalyň, täze okuw ýylymyz!

## **Talyplarmyz**. 9

Ödäp döwrüň talabyny,
Bilim alýan talyplarmyz,
Elden goýmaz galamyny,
Bilim alýan talyplarmyz.

Kitap göterip ýanynda,
Okap-öwrenip aňynda,
Maksatlar goýup öňünde,
Bilim alýan talyplarmyz.

Hünär alyp taplanýarlar,
Barha öňe batlanýarlar,
Bäsleşýärler, şatlanýarlar
Bilim alýan talyplarmyz.

Bagtyýarlygyň gülleri ,
Döwri wasp eder dilleri,
Gül Diýaryň bilbilleri,
Bilim alýan talyplarmyz.

### Nowruzym- ýazym. 10

Günüň tylla şöhlesini güjeňäp,
Geldiňmi nowruzym, täze baharym?
Jennete barabar gözellik paýlap,
Ajaýypdyr seniň bilen baharym.

Ter ýaprakda damjalary bulduran,
Baharym sen, pasyllaryň şasy sen.
Geç, törüme garşylaýyn gol gerip,
Güne meňzeş gülýakamyň gaşy sen.

Sepilen dek asman bilen zemine,
Suratkeşiň dürli reňkli boýagy,
Al-elwan öwüsýäň nowruzly ýazym,
Sen ne gözel, ýüregimiň söýegi.

Guşlaryň owazy, çeşmeleň suwy,
Sazlaşyp bir täsin mukam döredýär,
Akja gupba, depesinde daglaryň,
Baharym sen ol garlary eredýän.

Aklym beýhuş edýär anbar yslaryň,
Gözlem gana bilmez bägül-gülleňden,
Menzil söküp ýöresem-de ýadaman,
Gül-pürçükli ýodalaňdan, ýollaňdan.

Berkarar döwletde ýaşap bagtyýar,
Gazal ýazyp seniň waspyň sözlärin,
Nowruzym men seni şeýle bir söýýän,
Her baharda ýollaryňa gözlärin.

## Halym. 11

Asyrlardan aşyp geldiň,
Sorasam aslyňy, haly: m,
Şahyr adyň goýmaz dilden,
Ýetirer waspyňy, halym.

Şuglaň ýiti Aýdan,Günden,
Özüň näzik gunça-gülden,
Didelerim doýmaz senden,
Synlaplar keşbiňi, halym.

Ýürek mähri siňmiş saňa,
Dözebilmen guma-çaňa,
Müň öwüsýäň, baksam siňe,
Rowaýata siňen , halym.

Nagyşlaň, ajap gölleriň,
Ýatladýar bahar güllerin,
Seni dokan gözelleriň,
Baş egýän kesbine, halym.

Şöhrat bilen ile ýaýyl,
Dünýäň ýüzi saňa maýyl,
Her kim alyp bilse kaýyl,
Düşüpler yşkyňa, halym.

## Nury Halmämmediň ajap sazlary 12

Türkmeniň geçmişin berip dur heňde,
Nury Halmämmediň ajap sazlary,
Hyjuw biýr kalplara her gün her demde,
Nury Halmämmediň ajap sazlary.

Iterýär duýgulaň geň dünýäsine,
Içki pikirleriň çuň dünýasine,
Äkider ummandan heň dünýäsine,
Nury Halmämmediň ajap sazlary.

Saz guralyň sesi bilbil deý saýran,
Beýle zehin eder aklyňy haýran,
Seni melul edip goltuklap barýan,
Nury Halmämmediň ajap sazlary.

Diňläp täsirinden bilmersiň çykyp,
Geçmişe dolanýaň  taryha bakyp,
Misli durý çeşme barýandyr akyp ,
Nury Halmämmediň ajap sazlary.

Her sazy bir ykbal, her sazy takdyr,
Düşünseň sungatyň yşkyna ýakdyr,
Mukam dünýäsine  täzeden bakdyr,
Nury Halmämmediň ajap sazlary.

Berkarar döwletde, bagtly döwrümde,
Täze arzuw bary dörär göwnüňde,
Belentden ýaňlanar  her bir öwrümde,
Hury Halmämmediň ajap sazlary.

## Sen Magtymguly    13

Hormatyň uludyr Türkmen ilinde,
Şygyrlar diwanyň  hemmäň dulunda,
Janyň-teniň berip Watan ýolunda,
Köýmegi öwretdiň Sen, Magtymguly.

Söýgi ummanynda gulaçlap ýüzüp,
„Meňli„ diýp gursagy ýaraly gezip,
Yşk derdini çekip, gazallar düzüp,
Söýmegi öwretdiň Sen, Magtymguly.

Bütin dünýe tanar seniň adyňy,
Goşga saldyň şatlyk-harasadyňy,
Öwüt-ündew berip parasadyňy,
Ýaýmagy öwretdiň Sen, Magtymguly.

Düşündirip bildiň hemmä gepiňi,
Iliňe-halkyňa  degrip nepiňi,
Näletläp ýalany,  sözläp hakyňy,
Diýmegi öwretdiň Sen, Magtymguly.

Akyl-paýhas berip diregiň bilen,
Artyk däl-de oňup geregiň bilen,
Aglanyň agysyn ýüregiň bilen,
Duýmagy öwretdiň Sen, Magtymguly.

Bu gün bagtyýardyr türkmeniň bary,
Arzuwlarňy çalýar dutaryň tary,
Elmydam belentde namysy-ary,
Goýmagy öwretdiň Sen, Magtymguly.

## Magtymguly 14

**M**agtymguly Seniň waspyň ýazmaga,
**A**sla söz tapylmaz gazal düzmäge,
**G**iň zeminde gudrat bar bolsa eger,
**T**agzym eder saňa hemmeler meger.
**Y**lhamyňdan dörän paýhasly sözler,
**M**any saçar asyrlardan-asyra.
**G**oşgularňy okap nurlanar gözler,
**U**zar adyň nesillerden- nesile.
**L**agly-merjeni sen şygryýet ýoluň,
**Y**ranmaz galasy sen türkmen iliň.

**P**yragy sen, aýralygyň ody sen,
**Y**şk ataşly ýüregiň perýady sen,
**R**öwşen uçgun kükregiňi daglady
**A**rzuwlarňy Meňli bilen baglady.
**G**eldi islän erkin zamanaň bu gün,
**Y**şka düşenlerde hiç bolmaz düwün.

## Köňül dilegi. 15

Zemin bolsun nurdan doly,
Kalplarymyz asman ýaly,
Şowly bolsun ädimlermiz,
Bolsun ýollar bagtyň ýoly.

Bereketli gelsin ýylňyz,
Uzan ýerne ýetsin elňiz,
Mähribanlyk hemra bolup,
Has-da süýji bolsun dilňiz.

Ýaraşsynlar öýkeliler,
Köne ýylda galsyn gussa,
Janyňyz sag bolsun mydam,
Hiç haçan bolmalyň hassa,

Täze ýylda  rysgal gelsin,
At- abraýňyz arşa galsyn,
Didelerden çykan gözýaş,
Diňe bagtlylykdan bolsun !!

## Pederim – mähribanym 16

(Kakam, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri,  kompozitor – Bally Rejepowa bagyşlaýaryn)

Ejedir dünýäde iň eziz ynsan,
Waspyn ýazyp taryp etmedik ýokdur,
Ýöne, kakam hakda  ýazaýyn diýdim,
Olam perzent üçin, ýekedir- täkdir.

Durmuşa taýýarlap tapladyň bizi,
Kakamjan, sen-arkadagym, mähriban,
Okatdyň, öwretdiň, dünýä aýladyň,
Sungat äleminde peder mähri bar.

Goşgy ýazyp, surat çekip, saz çalyp,
Halka hyzmat etdiň, özün tanatdyň.
Baş çykaryp dürli saz gurallardan,
Käseleriň düzüp, täsin heň etdiň.

Gelinleň hyzmatly – ganatyn gerýär,
Hoz – hozonak bolup mydam daşyňda.
Mährem käbäm agtyklarny apalap.
Senden hoşal – bagt täji başyňda.

Ogullaň, gyzlaryň, agtyklaň bolup,
Dowam etdirýäris ajap kesbiňi,
Aýdymdan, mukamdan biz lezzet alyp,
Kalplara siňdirýäs zemin keşbini.

## Nur bolup gelsin  17

Täze ýyly  ýüze  sylsyn   ilimiz,
Açyk bolsun  menzillermiz-ýolumyz,
Bosagada  duran  täze  ýylymyz,
Aklyk paýlap ýören  gar  bolup  gelsin!

Ynsanyň kalbynda arzuw döredip,
Bize bagtyň gözi bilen seredip,
Täze ýyl  Zemini altyn- zer edip,
Misli öwşün  atýan şar bolup gelsin!

Goýup öňki ýylda barja gaýgysyn,
Bu gün aşyk aýdyp bilsin, duýgusyn.
Yşka düşenlere berip söýgüsin,
Ýalňyz  ýüreklere ýar bolup gelsin!

Rysagal  bilen giňden açyp gujagyn,
Gollaryna  alyp bagtyň goçagyn,
Mähirden dolduryp hemmäň ojagyn,
Täze  ýyl  kalplara   nur bolup gelsin!

### Saklan ahyryn...18

Şaýat  bolup adamzadyň  ömrüne,
Bäbekligiň, çagalygyň emrine.
Soňra düşüp  gojalygyň döwrüne,
Wagt  nirä barýaň, saklan ahyryn?

Hakyň  ýazgyt   kitabynyň  gatyny,
Okap ýetişeýin  syrly hatyny .
Neçün beýle tiz eýerläp atyňy,
Wagt  nirä barýaň ,saklan ahyryn?

Men  garramok, emma näzik  görkümi,
Kem-kem garradýaň sen gözel  durkumy.
Holtumyňa alyp meniň  erkimi,
Wagt ,  nirä barýaň , saklan ahyryn?

Göz dikilip  garaşylsa gelmeýäň,
Ajap pursatlary  saklap bilmeýäň.
Nämä  alňasaýaň, nämä ylgaýaň...
Wagt ,  nirä barýaň , saklan ahyryn?

Ynsan haýran seniň pelek oýnuňa,
Şatlygy , gaýgyny  dakyp boýnuňa,
Mydam girip görünmeýän geýmiňe,
Wagt,  nirä barýaň, saklan ahyryn?

Niçe döwürleri eliňe alyp,
Gidip barýaň durman  ýüregi dilip.
Nobatynda bIzem yzyňa salyp,
Wagt, nirä barýaň, saklan ahyryn?

Täsir edip bilmän gaçyp- gutulyp,
Birje  zatda ýeňildiň sen  utulyp.

Ýüregi garradyp bilmän, atylyp,
Wagt, nirä barýaň, saklan ahyryn?

Mundan aşagy hökmanam däl.

( Asla öýkeleme zeýrenýäň diýip,
Goýbermek islämok gadryňy duýup.
Gaýta ýaşaýaryn men seni söýüp,
Wagt nirä barýaň, saklan ahyryn?
Ýöne, şükür saňa togabym bardyr,
Seň bilen ýaşaýyş zemine ýardyr.
Ynsan keşbi diňe seň bilen nurdur,
Wagt nirä barýaň, saklan ahyryn? )

**Ýagşy – ýaman 19**

„Ýagşylyga ýagşylyk, her kişiniň işidir,
Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir”
(nakyl)

Hemme gowy zatlara,
Aýdylýandyr sag bolsun,
Men-ä ýaman zatlara,
Diýjek bu gün „sag bolsun,,

Aýan etdiň bardygyň,
„Sag bol”, saňa ýamanlyk,
Sen bolmasaň bilinmez,
Zemindäki ýagşylyk.

Çekdirseň-de kynlygy,
„Sag bol”, saňa ezýetim,
Sensiz nädip duýaýyn,
Bu ýaşaýşyň lezzetin.

Üstünligmi bassaň-da,
„Sag bol”, saňa görüplik,
Ylham joşdy öňküden,
Gaýta artdy janyplyk.

Kölegäm sen elmydam,
„Sag bol, saňa gep-gybat,
Dost-duşmany bilmäne,
Wagtynda berdiň nobat.

Sagady aýa dönen,
„Sag boluň” ajy günlem,

Hupbat siz, ýöne, sizsiz,
Gadry ýok süýji günleň.

Arzuwlarma ýetirdiň ,
„Sag bol”, saňa güzaplam,
Arka hopba bolaňsoň,
Ýerne düşdi azaplam.

Ýamanlyga ýagşylyk,
Jogap edip toplanym,
Ak-garany öwretdiň,
Sag bol, saňa ykbalym!

**Gitsem... 20**

Söýgi giden umman bolsa,
Balyk bolup çümüp gitsem,
Suwsan teşne ýüreklere,
Aýdym bolup siňip gitsem.

Görüpleriň gybatyny,
Diňe dymyp ýeňip gitsem,
Kalbyň pynhan künjeginde,
Heýkel bolup doňup gitsem.

Dertleri, gaýgy-hasraty,
Zynjyr bolup daňyp gitsem,
Hiç baýlyga gözüm gitmez,
Barym bilen oňup gitsem.

Sygman wagtym giň jahana,
Gülzarlyga sümüp gitsem,
Teşne ýatan maýsalara,
Damja bolup damyp gitsem.

Nury öçen didelere,
Ak nur bolup ýagyp gitsem,
Kalby näzik enelere,
Ter çemeni bogup gitsem.

Gaça durup ýamanlykdan,
Nazarymy sowup gitsem,
Ýagşylykdan lezzet alyp,
Şapak bolup dogup gitsem.

Bagtyýarlyk zamanamda,
Watanymy söýüp gitsem,
Topragyma, Arkadaga,
Belent başym egip gitsem.

## Ene sen. 21

Bagra basyp balasyny gujakda,
Yssy mähir çoýup otyr ojakda,
Sözlemegen şahyr ýokdur sen hakda,
Dessan-gazallara siňen, ene sen.

Hupbatlardan maňlaý gasyn köpeler,
Ýyl aýlanyp saçlara ak sepiler,
Emma, duýdurmaz ol, bili epiler,
Derdi-azaplary ýeňen, ene sen.

Mylaýym sereder, mährem göz bilen,
Kalbyňy giňeder ýumşak söz bilen,
Köňle kine gelmez asla siz bilen,
Gahary, gazaby daňan, ene sen.

Sen bir uly dünýe hem giden umman,
Şugla saçýaň pana hiç haçan sönmän,
Jadyly elleriň bar derde derman,
Sabyr, paýhas bilen dyman, ene sen.

Täsin gudratyňa taý bolmaz munda,
Seň mähriňden kuwwat tapýarys günde,
Asyl bu durmuşyň manysam sende,
Ýürekleň töründe duran, ene sen!
Äleme gözellik beren, ene sen!

**Aýlygyň bolsa.** ( degişme) 22

Keýpiň kökdür , garnyň dokdur,
Jübüňde aýlygyň bolsa,
Başyňda alada ýokdur,
Jübüňde aýlygyň bolsa.

Dünýe ajapdyr gözüňe,
Işler biter bir sözüňe,
Göwnüň ýeter öz-özüňe
Jübüňde aýlygyň bolsa.

Sowsam diýip eliň gijär
Harytlara isleg güýjär,
Şeriň ýiter, diliň süýjär,
Jübüňde aýlygyň bolsa.

Gadyrlysyň agalarňa,
Aýlanarsyň joralarňa,
Has mähremsiň çagalarňa,
Jübüňde aýlygyň bolsa.

Bergiliň ýyrşaryp geler,
Ýagdaýyň ýüzüňden biler,
Puluň barka gözleň güler,
Jübüňde aýlygyň bolsa.

Ruhuň belent, sag bor synaň,
Dargar gider öýke- kinäň.
Ýaryňa diýersiň „janam„
Jübüňde aýlygyň bolsa.

(Ýanýoldaşdan mähir çogar),
Günüň şeýle nurly dogar,
Ojagyňa rehnet ýagar,
Hezil günüň şodur meger,
Jübüňde aýlygyň bolsa.

**Kalbyň ynjysy... 23**

Ynjan ýüregimiň derdin çekmäge,
Çykyp gitsem başym alyp uzaga,
Dem alaýyn ol sähraýy howadan,
Ýogsam düşýär pikirlerim duzaga.

Nämüçin sen ýaprak ýaly ýukajyk,
Ah, meniň kimirsiz  sadaja kalbym?
Köňli gara ýelli kişileň ýanna,
Bolaýýaň sen ýönekeýje bir  salgym.

Käte gybat, käte töhmet ýüklense,
Aglaýarsyň sessiz, otsuz tüsseläp.
Gaýta sen näm üçin gazaba  münmän
Içiňe salýaň-da,  ýatýaň hassalap.

Ynjyk kalbym!  Ikimize kyn düşýär,
Sygmaýarys  bu ullakan jahana,
Gel, ikimiz söýenşeli bileje,
Doň ýürekler  tapmasynlar bahana.

Ah,  kalbym,  ah kalbym...    men saňa haýran,
Çekip ýörýäň  ýönökeýlikden  zyýan,
Ýöne,   bir  güýjüň-ä näme-de bolsa,
Mydam bizi  gorap   durýany   aýan.

## Saçlaryň
## (Aşyk ýigidiň aýdymy)  24

Gijäň tümlügini ýatladyp duran,
Tolkun atýan seniň gara saçlaryň.
Synlan  ýigitleriň boýnuny buran,
Düýşde-huşda arzuw seniň saçlaryň.

Şahyr ýokdur saçy taryp etmedik,
Bagşy barmy ol hakynda aýtmadyk,
Jadylaýjy güýji bardyr öýtmedik,
Bendi etdi aý gyz ,seniň  saçlaryň.

Uzyn saçlaryňy synlap doýmaýan,
Marmy olar  billeriňde oýnaýan,
Mežnunyň men, yşka düşüp gaýnaýan,
Erkim alan seniň şamar saçlaryň .

Saçlaryňy  oýnaýarsyň  süzüle,
Näçe öwsem  sygmaýarsyň  gazala,
Çalyşmaryn taryň  altyn-gyzyla,
Mynasyp döşlerde ýatan saçlaryň .

Sen saçlary, saçlar seni bezeýär,
Gollam saňa hem saçlara uzaýar,
Kirpikleriň ,,utan,, diýip gezeýär,
Araçäkldir bize uzyn saçlaryň.

Dökülse egniňe, ajap her taryň,
Ýassyk edip, sypap guwanar ýaryň,
Zülpleriň taryplar aýdymym-sazym,
Aşyk kalbym yşka salan saçlaryň.

**Seň baryňda. 25**

Seň baryňda dünýäm gözel, lälezar,
Gursagyňda egsilmejek mähir bar,
Eziz allam etmäwersin saňa zar,
Il içinde ýetik arzyň jan ejem.

Perzentleriň ojagyny düzedip,
Hemmämize ýüregiňde ýer edip,
Abatlyga guwanýarsyň seredip,
Dowam tapýar ömür ýazgyň jan ejem.

Syndyrmajajk bolup sen hiç bir göwni,
Käte sallamalam bolansyň egni.
Öýke-kine döräp, çözeňde düwni,
Goý, medet bersin-dä,Taňrym , jan ejem.

Sende görýän tämizligin säheriň,
Görýän sende gözelligin baharyň,
Gözleň derman, misli suwy akaryň,
Päklikden gaýdandyr aňrym, jan ejem.

Iň gerekli zadym sensiň dünýäde,
Nädip ýaşaryn men sensiz dünýäde,
Saňa arzuwlarym soňsuz, dünýäde,
Alnyňa müň gezek, tagzym jan ejem.

**Sen ýeteňok dünýäme. 26**

Älem-jahan ümür ýaly,
Sen ýeteňok dünýäme.

Ähli  reňkler goňur ýaly,
Sen ýeteňok dünýäme.

Pasyl çalşyp ýyl geçse-de,
Düşen ýara könelşse-de,
Daş-töwerek nur saçsa-da,
Sen ýeteňok dünýäme.

Haçan toýlar oňlananda,
Ýatlamalar soňlananda,
Wah...,,Eje” sözi ýaňlananda,
Sen ýeteňok dünýäme,

Eşdiläýse meňzeş gülki,
Bakýan  şol... tarapa ilki,
Zemin bolsa-da bol-telki,
Sen ýeteňok dünýäme.

Aram-aram galýan derde,
Käbäm mydam dursuň serde,
Küýselýärsiň hemme ýerde,
Sen ýeteňok dünýäme.

Birje zatda tapýan karar,
Duşy:r  bizi jennet-sonar,
Şonda ellem saçlaň darar,
SEN  ýetersiň dünýäme...

**Aýal doganlar bilen.**  (degişme) 27

Ýatdan çykar bar ýadawlyk şo bada,
Boşar çäýnek bary, saklanmaz kada,
Sagadyň dilleri hiç düşmez ýada,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Gürrüň gyzar,  jaňyň sesi diňlenmez,
Näçe aýtsaň diýjek zatlaň soňlanmaz,
Ýalyk nirde, topby nirde geňlenmez,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Ýagyş ýagsyn, suw-sil alsyn daşyňy
Işiň bolmaz  galdyrmarsyň başyňy,
Gybat bilen sowadarsyň aşyňy,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Çagalar mekirdir, biz bolsa sada,
„Zat alyp ber„ diýip düşerler oda,
Sen bolsa şo bada berersiň wada,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Gep bilen aýlanyp ýeriň şaryny,
Duýmarsyň geçenin sagat baryny,
Şonda-da edersiň wagtyň zaryny,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Ýeňläp içiň sowar, boşar „poslaryň„
Soňabaka gyrlyp başlar sesleriň,
Het etseňiz hany, ýarlar sesleniň!
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Erkek adam duýmaz bu hezilligi,
Derrew gaçar, saçak giň ýazyldygy.
Hasap edäý işleň çalt çyzyldygy,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

Hyzmat etsin daýzalarna ýegenler,
Guwansynlar bize dostlar-doganlar,
Gülküniň ýaňyna gelsin Erenler,
Üýşülende aýal doganlar bilen.

## Arzuwly ahwal 28

Säher turup çykdym daşa,
Bu ahwala galdym haýran,
Ynanmadym gözlerime,
Gussalarym boldy weýran.

Howlymyzda gujak-gujak,
Goýulypdyr bägül bary,
Anbar ysly ter güllerde,
Duýulyp dur söýgiň nury.

Bosagadan köçä tarap,
Gülden haly (adym) ýazylypdyr,
Jennet bagyň çemenleri,
Ýaz ýagşyna ezilipdir.

Meger şeýle ajap pursat,
Arzuwydyr hemmeleriň,
Diňe nazik gyzlaňky däl,
Hem gelinleň, ýeňňeleriň.

Uçup gitdim al-asmana...
Ol güllerde özüm görüp,
„ Hany ýigit ! Nirede sen?”
Çagyrdym men golum gerip.

Birden açdym gözlerimi,
Bu ahwalat düýşüm eken,
Ter güldäki ol... damjalar,
Gözde begenç ýaşym eken.

Çemen -de ýok, ýigit-de ýok,
Wah, aruwçyl gözeller-dä...
Söýülmegi halaýarys,
Düýşde- huşda, gazallarda.

**„ S “ („Saýalaýyn’’ - „s’’ harpdan düzülen)** 29

Söýgülim seni soraglap,
Seň saýaňda saýalaýyn.
Saba säher seni synlap,
Seň saýaňda saýalaýyn.

Sözlem seňki, sazlam seňki,
Sagym seňki, solum seňki,
Syýa saçlam, salym seňki,
Seň saýaňda saýalaýyn.

Serden sypyp sämemäýin,
Synaglarňy sanamaýyn,
Serwim! Sensiň- saýawanym,
Seň saýaňda saýalaýyn.

Sag-salamatlyk soradym,
Sensiz sumatdyr syratym,
Sazlaşdyryp saz sungatym,
Seň saýaňda saýalaýyn,

Sabyr senden sowulmasyn,
Syrly sapak süzülmesin,
Sensiz söýgi syzylmasyn...
Seň saýaňda saýalaýyn.

## Diňläýin. 30

Söýgi hakda aýdymyny şemalyň,
Gursagyňda başym goýup diňläýin,
Pyşyrdysyn belent başly çynaryň,
Gursagyňda başym goýup diňläýin.

Dünýäň aladasyn bir pursat goýup,
Seň ýyly mähriňi bileýin duýup,
Ýürek gürsüldiňi mähire goýup,
Gursagyňda başym goýup diňläýin.

Gamly ýatlamalaň baryn soňlaýyn,
Gussadan saplanyp az-kem ýeňläýin,
Hyýalda ýylgyryp diýýän sözleriň,
Gursagyňda başym goýup diňläýin.

Men dymaýyn, saňa bereýin gezek,
Ýogsam köp gepleýän men saňa derek.
Sözle ýarym, maňa seň sesiň gerek,
Gursagyňda başym goýup diňläýin.

## Sen bolaňda ýanymda. 31

Nurlanar syrly dünýäm,
Sen bolaňda ýanymda,
Juwan men, joşup gülýän,
Sen bolaňda ýanymda.

Bezegi sen ,,köşgümiň,,
Ýylgyrşyňda  joşgunym,
Artýar güýji  yşgymyň,
Sen bolaňda ýanymda.

Ruhdan düşen halatym,
Arzuwlarym  ganatym,
Görkli-keşbim, syratym
Sen bolaňda ýanymda

Perzent baýlygym-känim
Sähram, Çemen, Mukamym,
Aýdym-sazly mekanym,
Sen bolaňda ýanymda.

## Hoşlaşaly ezizim... 32

Ynjalyk berenok harlanan duýgym,
Gel, ikimiz , hoşlaşaly ezezim,
Soňky gezek ganyp mährinden söýgiň,
Gel, ikimiz hoşlaşaly ezizim.

Arzyly kenara düşmedik diýip,
Yşkyň ummanynda azaşmak aýyp
Wysala ýetilmän galandan köýüp,
Gel, ikimiz hoşlaşaly ezizim.

Bu dünýede  gezsek-de biz  ýar bolup,
Duýgular alyşman geçdi har bolup,
Sazlaşyp bilmesek goşa tar bolup,
Gel, ikimiz hoşlaşaly ezeizim.

Ahmyrly oýlanyp ýaşandan her dem,
Kyn ýollara gadam basaly merdem,
Belki, bakyýetde bolarys  hemdem,
Gel, ikimiz hoşlaşaly ezizim.

## Äkit meni...33

Ýürek sen diýp telwas edýär urunýar,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.
Arzuwly ýer salgym atyp görünýär,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.

Soragly nazarma bakma dogurlap,
Hemra edin, alyp gaç-da ogurlap,
Bagt adamyz görünip dur lowurdap,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.

Kabul edip Allaň beren hezzetin,
Terk edeli bu durmuşyň ezýetin,
Duýmak üçin päk söýginiň lezzetin,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.

Nepes  şahyr  kimin söýmeklik üçin,
Özümizi  bagtly saýmaklyk üçin,

Del dünýäde ganat ýaýmaklyk üçin,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.

Bize goldaw bolan päk niýet-pälmi,
Kalbymy jadylan dideleň dälmi ?
Kirpikleňden ýasap ýelkenli gämi,
Akit, ýarym meni yşkyň kölüne.

**Senli pursatlar. 34**

Şygyrlarmyň sözbaşy,
Yşkyň göwnümiň hoşy,
Umytlarmyň gözbaşy,
Diňe senli pursatlar.

Daň säherim ataryan,
Kalbym joşa getirýän,
Meni bagta ýetirýän,
Diňe senli pursatlar.

Gam-gussalar  daşdadyr
Söýgi täji başdadyr,
Wagtyň gadry başgadyr,
Diňe senli pursatlar.

Didelere nur ýagar,
Munda ýaşanňa deger,
Zemin jennetdir meger,
Diňe senli pursatlar.

Ýürek söýgiden doly,
Berýär  ömrüme many,
Dokuzym düzüw ýaly,
Diňe senli pirsatlar.

**Näme sen ? 35**

Bagtymmy sen? Maňlaýa ýazylmadyk,
Ak atymmy arzuwlap münülmedik?
Ýa-da ol  jylawsyz  näzik duýgymmy?
Göwhermi sen boýnuma düzülmedik ?

Tesellimmi ezýet çeken mahalym?
Böwedimmi gelen wagty gaharym?
Gyşda doňan ýüregimi eretjek,
Belki sensiň, çogum boljak baharym .

Bedenime kuwwat berýän ganymmy?
Yşk ýolunda apalanýan janymmy?
Mähir siňdirilen nepis keşdeli,
Höwes eden geýilmedik donummy?

Hossarymmy, ýakynymmy- ýadymmy?
Hupbat bassa köşeşdirýän dadymmy?
Ah,......... serimi alan sorag belgiler!
Jemläýin men sizi - zaryn aýdymmy.

Ýogsam gutarmaýar meniň bu gaýgym,
Ýetilmedik arzuwlarym-tamam siz.
Asyl sen bolmaly paşmadyk (ilkinji) söýgim,
Ömürboýy gursakdaky ýamam siz.

## Gabanma meni. 36

Dideleriň yşkyň ody,
Ezizim gabanma meni.
Sözleň hyjuwlarmyň bady,
Ezizim, gabanma meni.

Özgede galmaz nazarym,
Seňki çemenli güzerim,
Baksaň gözlerim süzerin,
Ezizim, gabanma meni.

Bezenäýsem azda – kände,
Çytylma ýigitleň ýanna,
Sensiz rahat ýokdur janda,
Ezezim, gabanma meni.

Darygyp ýagdyrma ýagyn,
Çyndan gülüp açsam göwün,
Ynanaý, gysdyrman egin,
Ezizim, gabanma meni.

Päk söýgiňi duýduraňsoň,
Yşka ýakyp köýdüreňsoň,
,,Ýeketägim,, diýdireňsoň,
Ezizim,  gabanma meni.

**Seň bilen örsem  37**

Gül-gunçaly maýsalarda,
Ýalňyz galsaň sämär ser-de,
Päk, söýgümiz galmaz derde,
Mähremim, seň bilen örsem.

Kirpikmen gözleňden öpüp,
Duýgulaň merjenin sepip,
Barlygyňdan kuwwat tapyp,
Ezizim, seň bilen örsem.

Yşkyň gazanynda gaýnap,
Jülgä insek suwun boýlap,
Tüm gije goýnuňda ýaýnap,
Söýgülim, seň bilen örsem.

Nurly säheriň  daňynda,
Umytlar älem deňinde,
Ömrüň başynda – soňunda
Söwer ýar , seň bilen örsem!

**Gözleriň seniň  38**

Bolsam-da men syrly söýginiň güli,(guly)
Synama  medetdir ,ýüregme ýyly,
Sataşan pursaty gepletmez dili
Yşkdan doly gara gözleriň seniň.

Dideleň aňyrsy giden bir umman,
Bakasym gelip dur gözümi ýumman,
Odukdyryp goýdy meni eý, aman....
Yşkdan doly gara gözleriň seniň.

Kä görseň seredýär batyp gam-gussa,
Bir-de dönýär yşkdan kesellän hassa,
Ýaşaýşa itergi, ýüregim gyssa,
Yşkdan doly gara gözleriň seniň.

Mähir-muhabbetin aňladyp duran,
Ýüregmi ýüregňe bagladyp duran,
Intizar magşugyn agladyp duran,
Yşkdan doly gara gözleriň seniň.

Bu günümden ertirime atarýan,
Arzuwlarmy wysalyna ýetirýän,
Ýoluma umytly garap oturýan,
Yşkdan doly gara gözleriň seniň.

## Söýülýän adam. 39

Yşkdan joşup goşgy-gazallar düzýän,
Ýürekden söýülýän, söýýän adamdyr.
Dünýäň gözelligine guwanyp gezýän,
Ýürekden söýülýän, söýýän adamdyr.

Durmuşdan öziçe geregin alýan,
Ýaryny görende mylaýym bolýan,
Ýaz kalby arzuwdan, mähirden dolýan,
Ýürekden söýülýän, söýýän adamdyr.

Çekip bilýän yşk derdiniň awusyn,
Duýup bilýän ýürekleriň agysyn,
Hemme zatdan belent tutýan namysyn,
Ýürekden söýülýän, söýýän adamdyr.

Kimiň ruhybelent, keýpi kök bolsa,
Gökde pelpelleýän gumry dek bolsa,
Kir-kimirsiz kalby mydam ak bolsa,
Ýürekden söýülýän, söýýän adamdyr.

## Döneýin 40

Sözlerňe döneýin mähriban ýarym,
Many saçyp sözläp, çeksene näzim,
Aýdym aýdyp, menem seni taryplap,
Bagş edeýin saňa bu çalan sazym.

Tozlarňa döneýin mähriban ýarym,
Belent daglar kimin bol sen söýegim .
Kyn ýollarda agsamaýyn ejizläp,
Seň baryňda ýeňil gopsun aýagym.

Ýazlarňa döneýin mähriban ýarym,
Ýazlar deýin yşk peşgeşin , aýagyn,
Hemmelere nesip däldir söýmekllik,
Kalbyňa çyrşa sen söýgiň boýagyn.

Gözlerňe döneýin mähriban ýarym,
Nazaryňdan jigläp lezzet alaýyn,
Sözsüz bakyşlaňam bu dünýe- malym,
Şol bakyşda ömürboýy galaýyn.

**Söýme meni...41**

Söýme meni, eger oduň,
Doňumy çözmejek bolsa,
Söýme meni, seniň gämiň,
Deňzimde ýüzmejek bolsa.

Söýme meni, pikirleriň,
Ahwalym bilmejek bolsa,
Seni görüp didelerim,
Begenip gülmejek bolsa.

Söýme meni, seň ýüregiň,
Zarym çekişmejek bolsa,
Garaňkyda- ýagtylykda,
Ýollar söküşmejek bolsa.

Söýme meni, seň söýgiňe,
Ulaşmaýyn, ýakjak bolsa.
,,Söýen bolup,, söýme meni..
Gözleň özgä bakjak bolsa,

Söýme meni, seniň söýgiň,
Ömrüme ýetmejek bolsa,
Döredip ertäme höwes,
Bagytly etmejek bolsa.
Söýme meni...
Duýma, meni...

### Söýgülim. 42

Niräme seretsem men seni görýän.
Seň bilen uklaýan, seň bilen örýän.
Armanly ýkbalym- düýşüme girýäň,
Neneňsi kyn maňa sensiz, söýgülim.

Taşladyň-da gitdiň, ömrüň ezýetin,
Men hakynda pikip etmän görnetin,
Neýläýin men sensiz, dünýäň lezzetin,
Boşan göwräm lerzan, sensiz, söýgülim.

Sensiz telbe boldum, sensiz güň boldum,
Hemem Sasenem deý saralyp soldum,
Bir-de Leýli boldum, bir-de Gül boldum,
Şol Gülüň Bilbili sendiň, söýgülim.

Aňymda ýaşaýaň, dünýämiň yşky,
Hem häzirki söýgi hem söýgi başky,
Sen tarapdan okalmajak bu goşgy,
Odum täzeleýär, eziz söýgülim.

Baky söýgim bolup ýaşa kalbymda,
Iň bolmanda ýylgyryp git salgymda..
Solan günüm görünseň bor.. alnymda,
Razy borun şonda senden, söýgülim.

### Uzak ýaşa! 42

Ýarym, söýgiň joşup dursun kalbyňda,
Hem manyly ýaşa, hem uzak ýaşa!
Bagtly günler dogup dursun alnyňda,
Hem manyly ýaşa, hem uzak ýaşa!

Durmuşdan özüňe geregiň alyp,
Ýagşyny-ýamany seljerip bilip,
Otur mydam maşgalaňa jem bolup,
Hem manyly ýaşa, hem uzak ýaşa!

Il-gün ojagyňa toý diýp jemlensin,
Işden gelseň çaýyň taýýar demlensin,
Gara gözleň şatlanmakdan nemlensin,
Hem manyly ýaşa, hem uzak ýaşa!

Allam eçilipdir rysgally tagty,
Ömür ýoluň bolsun nurana, ýagty,
Arzuw edýän saňa soňlanmaz bagty,
Hem manyly ýaşa hem uzak ýaşa!

## **Esger ýigit** (degişme) 43

Ajap döwrümiň ýaşlary,
Dost tutunyp deň-duşlary,
Gulluk edip köp işleri,
Bitirýäňmi, esger ýigit?

Bildirmänjik çykyp çete,
Ýazýaňmy söýgiňi hata,
Wah, geçmejek bolup öte,
Oturýaňmy, esger ýigit?

Gözel gyzyň öwüp görkün,
Guly bolup ajap durkuň,
Daş ýolda-da elden erkiň,
Ýitirýäňmi, esger ýigit?

Gije ýatman, düşüp torna,
Duşup nobatçynyň şerne,
Buýran jezasyny (narýadyny) ýerne,
Ýetirýäňmi, esger ýigit?

„Barsam mähriban ilime,
Gyzlar çykar meň ýoluma”
Diýip göwnüň bal kölüne,
Batyrýaňmy, esger ýigit?

Ylgap, çekip ýeňleriňi,
Aýdyp batly heňleriňi,
Barmak sanap günleriňi,
Ötürýaňmi, esger ýigit?

Watan gorap söweşmäni,
Öwrenýäň sen göreşmäni,
Bu ýazylan degişmämi,
Geçirýäňmi, esger ýigit?

At –abraýy  alan  ýigit,
Sag-amanja dolan, ýigit!
Esger ýigit...
Esger ýigit.....

**ömür sallançagy  44**

( Zehinden ýüki  ýetik ýazyjy Atajan Taganyň eserlerinden düzülen)

Asmanda „ Aglasy gelýän ak bulut”,
„Aýylganç baharyň jybarly güni”
„Lal perişde”, geýip „Keseki”, „Possun”
„Sergin şemal” küýsäp ýöredi göni...

„Gijeki wakalar” - „Saragt galasy”,
Diýdi türkmen: - „Uruş haçan gutarýar”
„Serwi gelin”, „Ogul”,  çekdi „Ýalňyzlyk”
„Gaýynene” umyt daňyn atarýar...

Şükür, dyndy  „Hasaplaşyk pursaty”
Jeň gutaryp „Gowy adam” köpeldi”
„Sallançak mukamy” ýaňlanar baky....
„Sähra balasy”-na berip tesselli.

**Seň nazaryň girdabyna düşdüm men 45**

Gandalladyň gözleň  bilen erkimi,
Durun indi butnap bilmän ýerimden.
Dilim bir zat diýdi, ýüregim başga,
Pikirlerim pytrap gitdi serimden.

Sataşmaýyn diýip dideleň bilen,
Hyýalymda alyslara  gaçdym men.
Şonda-da jadyly  tüweleý bilen,
Seň nazaryň girdabyna düşdüm men.

Gitdim bardym.. tolkun bilen uzaga,
Söýgi bilen hüwdülediň kalbymy.
Sen sallançak bolduň,  men bolsa çaga,
„Bagtym,, diýip sypaladyň alnymy.

Gapgardyň sen meni söýgi deňzine
Gözlerimi gözleriňe siňdirip...
Ökünmäýin şol.... çuňlukda galanma,
Öz dünýämi seň dünýäňe çümdürip...

## Ýazylmadyk goşgulam 46

Nirede siz, ýazylmadyk goşgulam?
Ygyp ýörsüňizmi üzlemde-saplam.
Her wakanyň gapysyndan bir jyklap,
Barşyňyza gyýlyp peselýär taplam.

Nirede siz, ýazylmadyk goşgulam?
Hany, jemleniňde geliň alnyma.
Ylham bilen suwlaň teşne kalbymy,
Bulut bolup siňip gitmäň salgyma.

Nirede siz, ýazylmadyk goşgulam?
Dolanyň-da ynjamaňda öýkeläp,
Bilýäňiz-ä mydam idelýäniňiz,
Garaşyp galamly elim owkalap.

Nirede siz, ýazylmadyk goşgulam?
Sizem meň ogullam, sizem meň gyzlam.
Uzaklaşyp gidäýseňiz sekimden,
Saz çalamda gamgyn çykar owazlam.

Nirede siz, ýazylmadyk goşgulam?
Gezmäň beydip ol keseki ýerlerde,
Siziň mekanyňyz- şahyr kalbydyr,
Orunlarňyz zehin joşýan serlerde.

Nirede siz ýazylmadyk goşgulam?
Geliň, saljak sizi ýürek sandyga.
Açaryny mydamalyk ýitirlek,
Yene gaçmak öwrülmäkä endige.

**Gyzyma 47**

Ýadawmy sen ýa-da keýpli,
Soramanjyk biler halyň.
Derrew çykar seň ugruňa,
Taýýar bolar çaýyň-nanyň.

Iň ilkinji okyjym ol,
Hem nowbahar, mährem gyzym,
Diňläp biler hem düşüner,
Köňlümdäki bahar-ýazym.

Gama batsam ber teselli,
Goşulyşyp sazym çalar,
Gussa ýiter aýdym bilen,
Şowhun-şatlyk gaýdyp geler.

Mähribämym, mährem gyzym.
Saňa soňsuz dileglerim.
Bagtyň bolsun! Gözleň öpýän,
Hiç sönmesin, alawlaryň!

**Iň gowusy aralaşma kalbyma**. 48

Iň gowusy aralaşma kalbyma,
Degme bolsa bolsun ýürek söýgüsiz,
Ahyr bir gün berjek bolsa ezýeti.
Söýmäýin men, goý gezeýin gaýgysyz.

Iň gowusy aralaşma kalbyma
Horlamaýyn, horlamaýyn serimi,
Meň aňymda diňe ýagşy bolup gal,
Bir gün ökünmäýin görüp şeriňi.

Iň gowusy aralaşma kalbyma,
Pikirlerim bolsun arassa dury,
Ýalan söýgi ulaşmasyn köňlüme,
Bal berip soňundan çakmasyn ary.

Iň gowusy aralaşma kalbyma,
Dyrmalama, ýalbarma hiç kösenip,
Uçaýyn asmana öz-özüm bilen,
Azat erkinlikden ganat ýasanyp.

**Söýäydimmikäm 49**

Diýdiň :”Senli ýola gitjek”
Nähak “Ýok” diýäýdimmikäm.
Ýürek buzuňy eretjek,
Mährimi aýaýdymmykam?

Şonda-da ýollaryňa garap,
Ezildi ýüregim eräp.
Gedemlikden halym harap.
Ýüregňi gyýaýdymmykam.

Söýgi derdiň agyrdygny,
Hem hupbatly ýagyrdygyny.
Oň lezzetli howurdygyny,
Öňünden duýaýdymmykam.

Gussalarym bolýar weýran,
Seniň bilen etsem seýran.
Bu bagta özümem haýran.
Söýgüňe uýaýdymmykam.

Gözüm açsam sen bolduň-la,
Ýatsam düýşüme geldiň-le.
Halys aklymy aldyň-la,
Yşk donun geýäýdimmikäm.

Didäm dideleriňe gurban,
Mährem sesiň jana derman.
Oňup bilemok-la görmän,
Ýa, seni söýäýdimmikäm...

**Taryhyň 7 sany täsin ýadygärlikleri hakda bentler. 50**
**(Suratlary hem bar)**

**Piramida**

,, Piramida ,,- 7 gudratyň biri
Faraon Heopsyň döwründe gurlan,
Gadymy Müsüriň ýadygärligi,
Hemiun tarapdan salynyp berlen.

Her birisi 2 ýarym tonnalyk
Munuň üçin daş bölekler alnypdyr,

Jemi  2 mln  300 müň daşdan,
Apet, täsin piramida salnypdyr.

## Semiramidanyň asma baglary

Ol  7 gudratyň   ýene-de biri,
,,Semiramidanyň asma baglary,,
Patyşa aýalyna sowgat edipdir,
Hoş geçirmek üçin ajap çaglary.

Çünki patyşa aýal - gözel Amita ,
Bag-bakjaly  ýurdun küýsäp nalapdyr.
Wawilon  şasynyň  ajap  bagyny,
Isgender hem ýüreginden halapdyr.

Onuň galyndysy Yrak çäginden,
19 -njy    asyrlarda tapylan,
200 kwadrat,  metre deň bolan,
Bag- bakjalar bir-birine sepilen.

## Zewsiň heýkeli

,,Zewsiň  heýkeli ,,  Olimpiýada,
 Ýene  bir gudraty  gadymyýetiň.
Heýkeltaraş  Fidiň  bu ýasan işi,
Hudaýy  bolupdyr Grek milletiň.

17- metre   barabar bolan,
Altyn ergininden ýasalan Hudaý,
Hemem oňa piliň süňki goşulan,
Sežd edipdir millet,  baýy  hem gedaý.

## Galikarnas mowzoleýi

7  täsinligiň,   7   gudratyň,
Biri  ,,Galikarnas  mowzoleýidir,,
Galikarnas şäherinde gurulan,
Ol häzirki Turkiýäniň çägidir.

Patyşa  Kari  Mawsolanyň  jesedi,
Bu üýtgeşik mowzoleýde ýatandyr,

Haýran eden bu binanyň üstünden,
Niçeme asyrlar geçip- ötendir.

## Artemidanyň ybadathanasy

Gudratlaryň ýene biri gadymky,
„Ybadathanasy Artemidanyň„
Kiçi Aziýanyň günbatarynda,
Tutýa bölegini giden meýdanyň.

Zewsiň gyzy bolan Artemidada,
127 sütün bar eken,
18 metrlik bu sütünlerde,
Halkyň baýlyklary ýygnalýar eken.

## Aleksandriýa maýagy

Gudratlaryň biri Faros maýagy,
Aleksandriýa şäherinde gurlupdyr.
140 metrlik binaň üstünde,
Poseýdon Hudaýyň şekli goýlupdyr.

Ot ýanypdyr, dogry ýoly görkezip,
3 gat binaň iň ýokarky gatynda,
Saklanypdyr maýak Müsür ilinde,
Deňizçileň taryhynda, hatynda.

## Gün Hudaýy

7- nji gudraty gadymy döwrüň,
Galdyrylan Geliosyň adyna,
35- metrlik äpet heýkeliň,
Diýipdirler Gün Hudaýy adyna.

Bu heýkeliň gurluşygy adada,
12 ýylap dowam edip gidipdir,
56 ýyldan soň ýer titremesi,
Äpet täsinligi weýran edipdir.

## Kursdaşlaryma. 51

Ykbal bizi sataşdyrdy ýaşlykda,
Goly-gola berip bile bolduk biz,
Okuwy tamamlap, köp zähmet çekip,
Ýene bir-biregi tapyp geldik biz.

Mähribän doganlar, eziz kursdaşlar,
Neneň guwanmajak mähremgözlere,
Ýüregmiň joşguny, doýamok sizden,
Zar bolupdyryn şol öňkije ýüzlere.

Her kim bir ojagy penalap otyr,
Ýanýoldaşy, çagalary daşynda,
Maşgalanyň keşbi, döwletiň işi,
Durmuş hysyrdysy hemmäň başynda.

Şonda-da biz goýup aladalary,
Talyp ýyllaň gujagyna dolandyk,
Ketegine üýşen jüýjeler kimin,
Sanymyzyň dolanyna begendik.

Didelerme siňip giden keşbiňiz,
Ýyllar boýy isläp-küýsäp gelipdim,
Unutmandym, ýatlap hemmäň adyny,
Gursakdaky depderime ýazypdym.

Ah, meň geçip giden ýaşlyk ýyllarym,
Göýä ýene dostlar bilen geldiňiz,
Bir-biregi garşy aldyk mähirli,
Çaga bolup gujaklara dolduňyz.

Saz sungatym , saňa tagzym edeýin,
Çünki sen duşurdyň bu ýürekleri,
Aýdym bilen gatnaşalyň uzakdan,
Saçaklara goýup duz-çörekleri.

Kir-kimirsiz güwnüňize döneýin,
Arzuw edýän size ullakan bagty,
Baryňyz meň ýüregimiň bölegi,
Göwnüňiz deý bolsun ýollarňyz ýagty!

Hol arada diýdiler,
“Gor nämeler ýazlanok”
Ýöne , gaýyn hakynda,
Neçün gosgy düzlenok.

Bu gün käbäm tarypyň,
Ýetireýin sadadan.
Gaýratly sen , yhlasly,
8 ogly ideden

8 gelni jemleýän,
Iň mähriban gaýyn sen.
Bolduň edep mekdebi
Gol germäge taýyn ene.

Eý görüp saýalanym,
Ýürekdäki namam sen.
Ýaman söz, gaty sesin,
Eştdirmedik käbäm sen.

25 ýyl geçipdir,
Seň törüňi açanma.
Köpler aýtsaň ynanmaz,
Öýkeleşmän geçenme.

Ynjydyp - ynjamadym,
Ömrüň bolsun dowamat.
Gowy ene bolmaklyk,
Bu-da bagtdan alamat.

„Gelin” sözün „gyzyma”
Gowlap (Söýüp) öwreniň üçin,
Sag bol, saňa mähremim,
Ýarym dögranyň üçin.